# Antik Ysraýylyň ýiten on taýpasy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Antik Ysraýylyň ýiten on taýpasy ANTIK YSRAÝYLYŇ ÝITEN ON TAÝPASY




Iki müň ýyldan gowrak wagt bäri Ysraýylyň atsyz-sorsuz ýiten on taýpasy fantastiki spekulýasiýalaryň söýgüli temasy bolup geldi.
Her yklymdan, her milletden diýen ýaly toparlar şol on taýpa bilen baglanyşdyryldy. Bütin bu gyzyklanmalaryň sebäbi, «Mukaddes kitapda» on taýpanyň soň bir gün sürgün edilen ýerlerinden gaýdyp geljekdigi we Mesihiň gelişi bilen baglanyşykly waka bolan jöhit dogamlaryna beriljekdigi hakda birtopar «welilik» satmalar bar.
Emma on taýpanyň töwereginde galňaýan birnäçe täsin pikir bizi «Mukaddes kitabyň» weliligindäki ähmiýetlerinden we ynanjymyzyň jöhit köklerini düşünmekdäki ähmiýetlerinden daşlaşdyrmaly däldir.




Ýakyn taryhly bir taglymat iki öý hereketi diýibem bilinýän Mesih Ysraýyl on taýpany ýewropa kökli hristianlar bilen baglanyşdyrýar.

Tarapdarlary özlerine efraýymlylar ýa-da ysraýyllylar diýýär. Ideýalary iňlisleriň we amerikanlaryň on taýpanyň gönüden-göni nesilleridigini öňe sürýän iňlis-ysraýylçylygyň täzeden janlanmagydyr.

Soňky ýyllarda bu ynanjy goldaýan ýene bir topar Gerbert W.Armstrong tarapyndan gurlan «Dünýä derejeli Hudaý buthanasydyr».

On taýpanyň taryhy Ýakubyň on ogly bilen başlaýar: Efraýym, Manaşşe, Işhakar, Zebulun, Aşer, Naftali, Dan, Gad, Ruben we Lewi taýpasynyň bir bölegi.

Olaryň taýpalary öňki Ysraýylyň demirgazykdaky on taýpasyny emele getiripdir. Hezreti Samuel zamanynda bu on taýpa Ýehudanyň we Benýaminoň günorta taýpalary bilen birlikde bir patyşalyga birikdirildi.

Bu birleşen patyşalyk ilki Saul, soňra Dawut, ogly Süleýman tarapyndan dolandyryldy. Emma Süleýmanyň beýleki hudaýlara ybadat etmekdäki günäsi sebäpli Hudaýyň patyşalygy ikä bölündi.

Süleýmanyň emeldarlaryndan Ýarowama bilen on taýpa… (1 Patyşalar 11: 29-38). Bu täze demirgazyk patyşalygy Ysraýyl patyşalygy diýibem tanalypdyr.




Süleýmanyň neberesinden gelýänler tarapyndan dolandyrylýan Ýehudanyň we Benýaminiň günorta taýpalary Ýehuda patyşalygyny gurýar.
Bu günorta patyşalygy irki taryhda Ýehuda bilen garyşan we garaşsyzlygyny ýitiren Simeon taýpasyny öz içine alypdyr. Ilkibaşda hem demirgazykda, hem günortada aýratyn kesgitlenen Lewili şäherlere ýerleşen Lewi taýpasy patyşalygyň bölünmegi bilen demirgazykdan süýşüpdir. (Num. 35:2-8, 2 Kron. 11:13-17).
Ýeruşalimde on oýmagyň çokunmasyna päsgel bermek üçin Ýarowam altyn öküzleriň heýkelini gurýar: biri demirgazyk araçäkdäki Danda, beýlekisi günorta araçäkdäki Beýtelde (1 Patyşalar 12: 26-33).
Bu barlyşyksyz ybadat formasy on taýpany Hudaýyň kanunyna boýun sunmakdan we ahyrynda butparaz hudaý Baala we beýleki ýasama hudaýlara çokunmakdan daşlaşdyrypdyr.
Iki ýüz ýyllap Hudaý olary erbet ýollaryndan el çekmekleri üçin pygamber barsyny ugradypdyr, emma olar pygamberleriň aýdan-diýenlerine gulak asýan millet däldiler.
Ahyrsoňunda eden günäleri we Hudaý bilen baglaşan ylalaşyklaryndan ýüz öwrendikleri sebäpli müňlerçe adamy assiriýalylaryň eli bilen häzirki günorta Yraga sürgüne gönderdi (2 Patyşalar 17: 7-23).
Bu ýerde öň aýdylan «weliligi» dogry çykarmak üçin ýerli halka goşulyşdylar we jöhit dälleriň arasynda ýitip gitdiler, şeýdibem ýiten on taýpanyň biri boldular (Hoşea 7: 8).




Emma on taýpadan bolanlaryñ hemmesi sürgüne gitmändir. Käbirleri assiriýalylardan günorta gaçyp, Ýehuda goşulypdyr. (Ýehudada ýaşaýan ysraýylogullary; 2 Kron. 30:25, 31:6).
Olaryñ barlygy häzirki Ýehudanyj daglyk sebitinde duýdansyz ýüze çykan birnäçe ownuk oba tarapyndan aýdylýar.
Beýlekileri samiriýeli halk bolmak üçin Assiriýadan gelen göçegçilere goşulyşyp demirgazyk Ysraýylda galdylar (2 Patyşa 17: 24-41, 2 Kron. 34:9,21).
Sürgüne gidenleriñ arasynda-da käbirleri milli aýratynlyklaryny ýitirmän saklanlar bolupdyr. Bulardan käbirleri has soñra Babyl sürgünlerinden gaýdyp gelenlerinde günortadaky Ýehuda patyşalygynyñ sürgünlerine goşulypdyr (Ezra 2:28, Neh. 7:32). Mysal üçin, Ybadathanada gundagdaky Isa bilen tanyşan pygamber Anna on taýpanyñ biri bolan Aşer taýpasyndandy (Luka 2:36).
Şeýle-de milli aýratynlyklaryny gorap saklan beýlekileri grek we rim döwürlerinde jöhit halkynyñ esasy diasporasyna (dargamagyna) goşuldylar.
Şonuñ üçinem on taýpanyñ hemmesi ýitmändir. Birnäçe ýehudy (jöhit) halkyna degişli hasaplandy. Netijede, häzir on iki taýpanyñam gany jöhit halkynyñ damarynda at salýar.
Munuñ özi Mesih Ysraýyl we beýleki iñlis-ysraýyl toparlarynyñ taglymyna garşy düýpli işdir. Olar Ysraýyl adalgasynyñ Injildäki her görnüşiniñ jöhit halkyna däl-de, özlerine ýüzlenilýändigini öñe sürýärler.
Aslynda jöhit we ysraýylly sözleri «Täze Ähtde» biri-biriniñ ýerine ulanylýar.
«Rimlilerde» ilçi Pawel benýamin taýpasyndandygyna garamazdan özüni we jöhit garyndaşlaryny ysraýylly diýip atlandyrýar (Rom. 9:3,4,6; 11:1).
Bular ýaly mysallary näçe diýseñ köpeldip bolýar. Isanyñ

döwründe jöhit halky bir bitewi halk hökmünde on iki taýpanyñ nesilleridigine düşünipdiler (Ýakup 1: 1, Resullaryñ işleri 26: 7).

Umut ATASEWEN,

gadymydünýä taryhçysy.

@atasevenoffica

Şenbe, 04.03.2023 ý. Taryhy makalalar